***Saud Arabystany özüniň «Vision 2030» maksatnamasynyň çäginde dünýäni haýran galdyrjak ägirt uly gurluşyk taslamalaryny amala aşyrmagy meýilleşdirýär. Bu taslamalar ýurduň nebite bolan garaşlylygyny azaltmaga, ykdysadyýeti dürlüleşdirmäge we syýahatçylyk mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdirilendir.***

«Time out Dubai» neşiriniň habar bermegine görä, paýtagt Er-Riýad şäherinde belentligi 2000 metre (2 km) ýetýän «Rise Tower» binasynyň gurluşygy meýilleşdirilýär. Bu bina häzirki dünýä rekordçysy bolan «Burj Khalifa»-dan iki esse belent bolar.

Jemi 678 gatdan ybarat boljak bu binada kaşaň myhmanhanalar, ýokary derejeli restoranlar, panoramaly syn ediş meýdançalary we döwrebap biznes merkezleri ýerleşer.

Taslama 2023-nji ýyldan bäri işlenip düzülýär we häzirki wagtda taslamalaşdyryş tapgyrynda dur diýlip habar berilýär.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 05.02.2026